# Homeýnizm bilen nasizm!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Homeýnizm bilen nasizm! HOMEÝNIZM BILEN NASIZM!



*Homeýnizm bilen nasizmiñ arasyndaky meñzeşlik ölüm meselesinden, onuñ epiki we emosional taýdan çişirilen görnüşinden has öte.*
*1979-njy ýylda Eýran şasy Muhammet Ryza Pehlewiniñ agalygyny soñlandyryp, Yslam rewolýusiýasyny amala aşyran Aýatolla Homeýni 1989-njy ýylda aradan çykdy. / Fotosurat: AP*
Arap tarapdarlarynyñ eýran režimine görkezýän simpatiýasyny synlanymyzda örän köp sebäbe gabat gelýäris.
Munuñ başynda iñ giñ simpatiýa ugruny gurşap alýan mezhepçi düşünje bar.
Şeýle-de amerikan duşmançylygy tarapyndan bat berilýän eýranly goldawçylarynyñam çaklañrak paýy bar.
Bularyñ köpüsi uruşlar we ýeñlişler bilen baglanyşykly öñki tejribelerden gelip çykýan göwnüçökgünligiñ mirasdüşerleridir.
Şonuñ üçin şu garym-gatymlykda Jemal Abdynasyryñ, palestin azat-ediş hereketiniñ we olaryñ añyrsynsa Sowet Soýuzynyñ şowsuzlyga uçran zadyny homeýnist Eýranyñ edip biljekdigine umyt bildirýän nasyrçylardyr kommunistler bilen öñki nasyrçylary we kommunistleri görmek bolýar.
Şeýle kategoriýadan onçakly daş bolmadyk başga bir topar Beşar Esada berýän goldawlary sebäpli Tährana we Moskwa minnetdarlyk bildirýär.
Elbetde, islendik syýasy garaşlylykda bolşy ýaly,

peýdakeşlerden we bähbitparazlardan emele gelen kategoriýa-da bar. Emma seýrek üstünde durlan we sebäp saýylmajak, ýöne beýleki simpatiýa sebäplerini güýçlendirip ýa-da öňüni açyp bilýän başga bir faktoram bar: Nasizm hakda az zat bilinýändigi we nasizme garşy jogapkärçiligiň gowşak bolmagy.
Elbetde, munuň özi eýran režiminiň nasistdigini aňlatmaýar. Emma nasism hakda düşürilen kinofilmleriň birine tomaşa etmegiňiz gözleriňizi owkalaşdyryp, şuny soramagyňyza ýeterlik bolar:
– Aşakdaky sahna meňzeş sahnany häzirki wagtda nirede tapyp bilýäris: Berk düzgün, hatara düzülen märeke, hor bolup alkyş okaýan, ölmäge taýýardygyny zowladyp gygyrýan we uly ýaşlylar ýaly çagalaryňam ýaraglandyrylýan, jemgyýetçilik ulgamyny ele geçiren jemendeler…
Munuň özi 30-40-njy ýyllarda mümkinçilikden mahrum arap ideologlarynyň has owal meňzeşini arzuwlan, emma eýran režiminiň janlandyran sahnasy:
Siriýanyň Sosial-Nasionalistler partiýasynyň (SSNP) başlygy Antun Saade berilen şu brifingi okalyň:
“Güni-sagady gelende (ol eýýäm ýakynlaşdy), dünýä täze kartina we we howply hadysalara şaýat bolar. Gurşun reňkli eşikleri geýen, gara kemer guşanan, başlarynyň üstünde howalaly naýzalaryň ýalpyldaýan we yzynda ajaýyp görnüşde hatara duran tokaý dolusy çakgy bilen goşunyň berdaşlylary tarapyndan göterilýän gyzyl “Ez-Zawba’a” baýdaklarynyň (SSNP-niň baýdagy) arkasynda ýöreýän adamlar bolar. Şeýlelikde, siriýa halkynyň erk-ygtyýarynyy ret edip bilen bolmaz, çünki bu heläkçilik we ykbal bolar.”
Ýagdaý Liwanda-da, Yrakda-da şeýle. Magaryfyň baş müdiri Sami Şöwket “demire we oda” ynanýan ýaş ýigitleriň pes işlerini edibiljek “ölüm senagaty” çagyryşyny etdi.
Arap Nasionalistler Hereketi demiri we ody belent hem-de sazlaşykly prinsipe galdyrdy:
– Demir we ot ýaly gan, aýaga galan azat otrýad!
Elbetde, Antun Saadäniň, Sami Şöwketiň, Arap Nasionalistler Hereketiniň we beýlekileriň oňarmadygyny aýatolla Homeýni we onuň käbir şägirtleri oňardy.

Şeýle hereketleriň kämilleşdiren ölüm formasynyň haladylmagy we onuň ýalp-ýulp görnüşi birnäçe intellektual ýörelgäniň tersine çöwrülmegine sebäp boldy.
Mysal üçin, aýratynam Şopengauer bilen baglanyşdyrylan ölüme bagly pelsepewi düşnüksizlik tradisiýasy tersine çöwrüldi.
Albert Kamýu tarapyndan simwolizirlenen ölüm zerarly durmuşyň manysyzlygy tersine çöwrüldi.
Bu tradisiýa şeýle manysyzlykdan asgyn gelmese, gowy manyda gerek bolşy ýaly durmuşy manyly-maňyzly ýaşamaga çagyrýardy.
Şol bir wagtyň özünde ölümiň owadanlanmagy Hanna Arendtiň orta atan, ýaşaýyşyň täze dünýä inen bäbekleriň anyklaşdyrýan we dowam etdirýän başlangyçlardygyny, soňunyň däldigini öňe sürýän natalizm ideýasynyň tersine çöwrülmegidi.
Aýratynam, nasizm we homeýnizm bilen birlikde ölümi arzuwlamaga ierýän we şonuň bilen öwünýän mylakatlylygy orta çykarýar.
Emma, homeýnizm bilen nasizmiň arasyndaky meňzeşlik ölüm meselesinden, onuň epiki we emosional taýdan çişirilen görnüşinden has öte.
Syýasy ugurda nasisimdir kommunizm Liwana (“Hizbullah”), Yraga (“Haşdi Şabi”), Ýemene (“Ensarullah”) eksport edilmezden öň homeýnizm tarapyndan oňlanan dualistik (partiýa-döwlet) ýagdaýy bilen ýüzbe-ýüz bolýarys.
Birem döwletleri, halklary, çäklerini we häkimiýetlerini, halkyň erk-ygtyýaryny görnetin ykrar etmeýän giňelmä meýilli hyjuwy-da bar.
Emma nasizm bilen homeýnizmiň arasyndaky iň esasy meňzeşlik örän gadymy we ýöntem ideologiýa bilen has döwrebap edaranyň (partiýanyň, goşunyň, bileleşikleriň we ýolbaşçylygyň uly soýuzy) utgaşygynyň barlygyndadyr.
Aýratynam, munuň özi eýran režimini haýsydyr birimiziň çekinjeňlik bilen, hatda duşmançylyk bilen garşylap biljek syýasy sistemadan ýa-da syýasy pikirden has howply kylýar.
Emma bizi şeýle howpa göz ýummaga iterýän zat diňe nasizme garşy biperwaýlyk ýa-da munuň bilen baglanyşykly informasiýa kemçiliginiň bolmagy däl.
Dereginde Eýranyň ýakyn taryhyna-da oňyn göz bilen seredilýär.

Eýran režiminiň käbir oppozisionerlerine çenli 1979-njy ýylyň rewolýusiýasynyň ullakan lagnatdygyny, yza tarap bir ädim ädendigini we şa režiminiň (onuň düýpgöter zalymdygyna we juda ýaramazdygyna şek-şübhe bolup bilmez!) ýerine gelen režimden ýüzlerçe esse has gowudygyna hem-de müňlerçe esse has howpsuzdygyna häzirem ynanasy gelenok.
Şeýle ýagdaý azatlyklarda, ykdysadyýetde, aýal-gyzlaryň statusynda bolşy ýaly daşara gönügen agressiwligiň derejesinde-de gaýtalanýar.
Munuñ kabul edilmezliginiñ birtopar sebäbi bar. Emma umuman alanda nasistik çeşmelerden biriniñ eýerýän köne-küşül prinsiplerinden, ýagny adamzat taryhyna tanyş iñ wagşy pikirlerden arany açma meselesinde göwünsizligimizi görkezýär.

Hazym SAGIÝE,
syýasy analitik, žurnalist.

Duşenbe, 11.07.2022 ý. Publisistika